# Bagyşla meni

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Bagyşla meni BAGYŞLA MENI




Sen meni bagyşla, ýokdur ygtybar,
Bu uzyn ýoluňy kesmänim bolsun!
Mertebe köşgünde orun tagty bar,
Şekerlerim seňki – pespälim bolsun!
Ähli zatlar aýdyň, seredýän daşym,
Hözirin görmedim, eý däli başym!
Kalbymda pynhanym – Zümerret daşym,

Mawy reňkiň meniň asmanym bolsun!

Bu gyş güni mähir salman saýasyn,
Garaşanym göçürip ýör haýatym.
Gaýgy-gamlar boldy ýowuz saýýatym,
Umytly ýollardan tesmänim bolsun!

Dogruçyllyk gowy, wakalar anyk,
Nesibe çöregmiň ýüzleri ýanyk.
Meni oda salan bu haýsy gylyk,
Dilegim, ykbalyň has maýyl bolsun!

Utanç-haýam geliň, meni çybykla,
Duýgularym gitsin menden ygyplar.
Gözüme bak, indi ondan çyg gitmez,
Bozulsaň, bu goşgym desmalyň bolsun! Goşgular